# Gel, özüñ gutar meni!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gel, özüñ gutar meni! GEL, ÖZÜŇ GUTAR MENI

«Sen, sen» diýip, sargaryp, seni sahyp saýdygym,
Yşkyň odunda gowur, köýdürme beter meni!
Gözleriň gülüp baksa, kalbyma nur çaýdygyň,
Garyp göwnüm awlasaň, menzile elter meni!

Aýgytlanşym aýyp däl, gülme, meniň bolşuma!
Saklan, siňe synlaýyn, geçme, gabat gelşiňe,
Meniň halym-ahwalym bagly nazar salşyňa,
Goltugyma gop berip, ýerimden göter meni!

Ýürek üzülip barýar, takat ýokdur bu janda,
Dünýäm gysyp-gowurýar, nä boljagym gümanda,
Tolkun-gomda çyrpynýan, uç-gyraksyz ummanda,
Girdaba gark bolmankam, gel, özüň gutar meni!

Saňa bolan höwesim gizläp gezdim ýaşyryp,
Meni özüňe çekýäň, ähli güýjüň üýşürip,
Gel, otur, çaýlaşaly, men garşyňda gyşaryp,
Söýenşeli sözleşip, bal güne batyr meni.

Köçä çykyp köplügiň, gürrüňlerne güýmensem,
Ýoluň gabada gelip, ýalkym ýaýyp görünseň,
Söýgümiň syryn saklap, bilermikäm men eýsem,
Ýüzüme bakan biler, gözlerim satar meni.

Diýr, Ilmämmet nijezar, gorap gezdim özümi,
Yşkyň oduna bişýän, ynjalyksyz dözümi,
Güler ýüzüň bir görsem, soňra ýumsam gözümi,
Tama, umydym kesmän, arzuwma atar meni! Goşgular